**2023-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlarynyň reýting bahalandyrmasy hakynda DÜZGÜNNAMA

## 1. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlarynyň reýting bahalandyrmasy hakyndaky Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň kanunyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen tassyklanan “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Bu Düzgünnama, senenama ýyly üçin Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlarynyň (mundan beýläk - mugallymlaryň) hünär işiniň hilini bahalandyrma geçirmekligi guramagyň tertibini, ýörelgelerini we usullaryny, şeýle hem olaryň reýtingini hasaplamak üçin görkezijileriň sanawyny kesgitleýär.

1.3. Mugallymlaryň hünär işiniň reýting bahalandyrmasynyň maksady, olaryň hünär ussatlygyny, döredijilik başlangyçlaryny ösdürmekden, okuw we ylmy işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup, onuň netijesi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenen tertipde geçirilýän işgärleriň hünär synagynyň maglumat binýady hökmünde peýdalanylyp bilner.

1.4. Reýtingi bahalandyrmanyň esasy wezipeleri:

- mugallymlaryň pedagogiki, okuw-usuly we ylmy-barlag işleriniň hil derejelerini kesgitlemek;
- mugallymlaryň işlerini meýilleşdirmegi kämilleşdirmek;
- mugallymlaryň reýtingini ýokarlandyrmaga täsir edýän iş görnüşlerini höweslendirmek;
- mugallymlaryň alyp barýan işleriniň hili babatynda maglumat binýadyny döretmek;
- mugallymlaryň derejesini obýektiw bahalandyrmak üçin bitewi toplumlaýyn ölçegleri kesgitlemek.

1.5. Mugallymlaryň hünär işiniň reýting bahalandyrmasy, pedagogiki ussatlyga toplumlaýyn baha bermek, gazanylan anyk netijeler (iş subutnamalary we her bir pedagogiki işgäriň mekdebiň işiniň umumy netijesine goşan şahsy goşandy) esasynda amala aşyrylýar.

1.6. Reýting bahalandyrmanyň düýp binýadynda mugallymyň alyp barýan işleriniň soňky netijeleriniň, orta derejeli hünärmenleri taýýarlamakdaky iş öndürijiliginiň we hiliniň delilnamasy hökmünde çykyş etmek bilen, ol görkezijileriň kärdeşleri we dolandyryş düzümi tarapyndan ykrar edilmegi bolup durýar.

1.7. Reýting bahalandyrma mekdepde bir senenama ýyly zähmet çeken wezipe birligindäki pedagogiki işgärleriň hemmesi gatnaşýarlar.

1.8. Reýtinge bahalandyrma mekdebiň Usulyýet geňeşi tarapyndan amala aşyrylýar.

## 2. REÝTING BAHALANDYRMAGYŇ MAZMUNY WE USULYÝETI

2.1. Pedagogiki işgäriň reýting bahalandyrmasynyň mazmuny.

Pedagogik işgäriň ähli işi şertli 4 bölüme bölünýär:

- okuw-usulyýet işi;
- ylmy-barlag işi;
- guramaçylyk-dolandyryş işi;
- jemgyýetçilik-terbiýeçilik işi.

Her bir bölüm mugallymyň ileri tutýan çärelerini, iş ugurlaryny we işlerini görkezýän iş görkezijilerini kesgitleýär. Her görkeziji boýunça baha berilýän öndürijiligiň ölçegi ballarda kesgitlenýär.

Her bir bölümiň görkezijileri we ölçegleri, mekdebiň alyp barýan işiniň ugurlaryna we görnüşlerine, şeýle hem meýilnamasyna laýyklykda, mugallymlar düzüminiň ähli agzalarynyň gatnaşmagynda her ýyl zerurçylygyna görä täzelenýär. Ara alnyp maslahatlaşylandan we tassyklanandan soňra görkezijiler we ölçegler “Mekdebiň pedagogiki işgärleriniň reýting bahalandyrmasy” (1-nji tablisa) tablisasynda düzedilýär we netijesi degişli ýylyň ýanwar aýyndan gijä galman mugallymlaryň dykgatyna ýetirilýär.

2.2. Mugallymyň reýting bahalandyrmasy onuň kär derejesini, ylmy we önümçilik mümkinçiliklerini, hasabat senenama ýylyndaky döredijilik işjeňligini göz öňünde tutýar.

2.3. Her bir mugallym öz reýtingini kesgitlemek üçin 1-nji tablisany doldurýar.

2.4. 1-nji tablisada görkezijileriň atlary we olaryň tertip belgileri görkezilen. Tablisadaky her görkezijä belli bir mukdarda ball kesgitlenýär. Hemme bahalar hasabat senenama ýyly üçin getirilýär. Ähli görkezijileriň birmeňzeş düýp manysy bar, şonuň üçin “Birlikleriň mukdary” diýen sütüni dolduranda mugallym düşündirişlerde we mysallarda görkezilen nusgalara laýyklykda ýerine ýetirmelidir.

2.5. Tassyklaýjy resminamanyň görnüşi “Tassyklaýjy resminamasy” diýen sütünde görkezilýär.

2.6. Girizilýän maglumatlaryň takyklygyna we ygtybarlylygyna, ony dolduran we gol çeken mugallym tarapyndan şahsy jogapkärçilik çekilýändir.

2.7. “Toplan baly” diýen sütündäki ballaryň ululygy tassyklaýjy resminamalary barlandan soňra, mekdebiň Usulyýet geňeşiniň agzalary tarapyndan “Birlikleriň mukdary” diýen sütüni “Birlikdäki bahanyň bally” diýen sütüne köpeltmek arkaly hasaplanýar.

2.8. Mugallymyň absolýut şahsy reýtingi (MAŞR) tablisanyň “Toplan baly” diýen sütünindäki ähli görkezijileri jemlemek arkaly kesgitlenýär.

2.9. Tablisa girizilen görkezijileriň bahalarynyň ygtybarlylygyna gözegçilik Usulyýet geňeşiniň başlygy we usuly birleşmäniň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar.

2.10. Mugallymyň absolýut şahsy reýtingi (MAŞR) hasaplanandan soňra, mekdebiň direktorynyň orunbasary, 1-nji tablisanyň “Hasaplama bilen tanyşdym” diýen sütüninde “Ylalaşýan” ýa-da “Ylalaşmaýan” diýen ýazgy edip gol çekýär.

2.11. Eger-de okuw bölüminiň müdiri reýting bahalandyrmanyň netijesi bilen ylalaşmaýan bolsa, gol çekilenden soňra 3 iş gününiň dowamynda toparyň başlygyna öz garaýşyny esaslandyryp gulluk hatyny ýazýar. Eger-de görkezilen möhletde gulluk haty berilmese, berlen maglumatlaryň ygtybarlylygy dogrusynda topar özbaşdak karar kabul edýär.

2.12. Mugallymlaryň işine baha bermegiň netijeleri toparyň mejlisiniň teswirnamasy görnüşinde düzülýär. Teswirnama toparyň başlygy we kätibi gol çekýär.

2.13. Direktoryň buýrugy bilen alyp barýan işlerine baha bermek işine gatnaşan ähli mugallymlardan iň ýokary netije gazananyna höweslendiriş baýragy berilýär.

2.14. Höweslendiriş baýragynyň göwrümi her ýyl direktoryň buýrugy bilen kesgitlenýär.

2.15. Reýting toparynyň işiniň netijelerine, mugallymlaryň tekliplerine, şeýle hem mekdebiň ösüş maksatlaryna ýetmekde mugallymlaryň reýting bahalandyrmasyndaky işleriň käbir görnüşleriniň ähmiýetine, çärelere baha bermegiň görkezijilerine we ölçeglerine esaslanyp, her ýyl täze görkezijiler we ölçegler girizilýär.

## 3. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

3.1. Bu Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar, onuň üçin esas bolup durýan resminamalara girizilen üýtgeşmeler we goşmaçalar esasynda amala aşyrylýar.

3.2. Düzgünnama täzesi kabul edilýänçä güýjüni saklaýar.

3.3. Düzgünnamanyň talaplary, mekdepde reýting bahalandyrmasyna gatnaşýan ähli gatnaşyjylar üçin hökmanydyr.

1-nji tablisa

# Mekdebiň pedagogiki işgärleriniň 2022-nji senenama ýyly üçin REÝTING BAHALANDYRMASY

familiýasy, ady, atasynyň ady

wezipesi, ylmy ady we derejesi

| T/b | Görkezijiler | Birlik-leriň muk-dary | Ballar üçin baha birligi | Toplan baly | Tassyklaýjy resminama |
|---|---|---|---|---|---|
| **1. Okuw-usulyýet işleri** | | | | | |
| 1.1 | Ýazan synlarynyň sany: monografiýalara, gollanmalara, iş maksatnamalara (1 birlik üçin) | | 40/30/30 | | Skanirlenen monografiýalar, gollanmalar, iş maksatnamalary syn ýazanyň doly ady bilen |
| 1.2 | Orta hünär mekdebiniň mugallymlary tarapyndan çap edilen okuw gollanmalary (1 birlik üçin, awtorlaryň sanyna görä) | | 20 | | Mekdebiň kitaphanasyndan bellige alynan 1-nji titul sahypasynyň göçürmesi |
| 1.3 | Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň grifi bilen neşir edilen okuw kitaplarynyň sany (birligiň başyna, awtorlaryň sanyna bölünýär) * | | 1000 | | Titul sahypasynyň we çykyş hatlarynyň göçürmesi we çap edilen nusgalaryň sany |
| 1.4 | Neşir edilen monografiýalaryň sany (birlige, awtorlaryň sanyna bölünýär) * | | 2000 | | |
| 1.5 | Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň grifi bilen neşir edilen gollanmalaryň sany (awtorlaryň sanyna görä bölünýär) * | | 250 | | |
| 1.6 | Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Ylymlar akademiýasy tarapyndan dersiň tassyklanan okuw maksatnamasy (1-lik sanyna görä) | | 50 | | Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň belgili haty |
| 1.7 | Orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlarynyň açyk sapaklaryna gatnaşmak (1 birlik üçin) | | 5 | | Okuw bölüminiň tassyklamagy |
| 1.8 | Mekdepde geçirilýän bäsleşiklere ýolbaşçylyk etmek (1 birlik üçin) | | 10 | | Mekdebiň meýilnamasy esasynda |
| 1.9 | Usuly birleşmä ýolbaşçylyk etmek (ýyl boýunça) | | 100 | | Mugallymlar geňeşiniň beýany |
| 1.10 | Okadylýan dersler boýunça jemleýji synagyň soraglaryny düzmek (1 birlik üçin) | | 5 | | Iş ýüküniň göçürmesi |
| 1.11 | Orta hünär okuw mekdepleriň arasynda geçirilýän ders bäsleşiginde ýeňiji bolan talyplara ýolbaşçylyk: | | | | TBM tarapyndan berilen diplom we olimpiada |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 1-nji ýer üçin;<br>2-nji ýer üçin;<br>3-nji ýer üçin | | 500<br>400<br>300 | | ýolbaşçylygyny tassyklaýan resminama |
| **2. Ylmy-barlag işi** | | | | | |
| 2.1 | Daşary ýurtlaryň/Türkmenistanyň patentleri (birlik üçin, awtorlaryň sanyna bölünýär) * | | 600/300 | | Patentiň, Diplomyň, Şahadatnamanyň göçürmesi, oýlap tapyşlara berlen arzalar, talyplar bilen bilelikde hödürlenen patent üçin + 20% |
| 2.2 | Täzeçillik (rasionalizatorçylyk) işleri üçin kabul edilen teklipler (awtorlaryň sany boýunça bölünýär)*, | | 200 | | |
| 2.3 | Oýlap tapyşlara berlen arzalar (birlik üçin, awtorlaryň sanyna bölünýär) * | | 100 | | |
| 2.4 | Dissertasiýa goragy - hasabat ýylynda ylymlaryň doktory/kandidaty (Ýokary attestasiýa komissiýasynyň tassyklan senesine laýyklykda). | | 2000 / 1000 | | Diplomyň göçürmesi, Ýokary attestasiýa komissiýasynyň buýrugy |
| 2.5 | Ylmy-işlerini alyp barmak (ýyl boýunça) | | 150 | | Mekdebiň mugallymlar geňeşiniň beýany, ýerine ýetirilen işiň hasabaty |
| 2.6 | Talyplaryň okaýan dersleri boýunça ýyllyk işlerine ýolbaşçylyk (bir birlik üçin) | | 100 | | Mugallymlaryň iş ýüki boýunça |
| 2.7 | Talyplaryň önümçilik tejribeligine ýolbaşçylyk etmek (bir topar üçin) | | 150 | | Mugallymlaryň iş ýüki boýunça |
| 2.8 | Talyplaryň ylmy gurnaklarynyň işini guramak (bir birlik üçin) | | 50 | | Mekdebiň direktorynyň gulluk ýazgysy |
| 2.9 | Talyplaryň okuw-barlag işine ylmy ýolbaşçylygy amala aşyrmak, neşiriň soňunda (bir birlik üçin) | | 100 | | Titul sahypasy, Usuly birleşmäniň ýolbaşçysynyň/ mekdebiň direktorynyň gulluk ýazgysy |
| 2.10 | Hasabat ýylynda tamamlanan grant arzalarynyň sany halkara/Türkmenistan boýunça (birligine, awtorlaryň sanyna bölünýär) * | | 300/150 | | Türkmenistanyň grant bölüminiň gulluk ýazgysy |
| 2.11 | Türkmenistanda geçirilen ýaryşlarynyň medallary/diplomlary bilen sylaglanan talyplaryň ylmy işleriniň sany (bir bölüm üçin) | | 150/100 | | Diplomyň, şahadatnamalaryň, sylag (bonus) sargytlaryndan göçürme we ş.m. |
| 2.12 | Türkmenistanyň “Ýaş alymlar” bäsleşiginde 1/2/3 ýer üçin berlen şahadatnamalaryň sany (bir birlik üçin) | | 100/75/50 | | |
| 2.13 | Türkmenistanyň çempionatlaryna taýýarlyk görmek üçin mekdep talyplaryna ýolbaşçylyk (bir birlik üçin) | | 15 | | Çärä taýýarlanmak üçin buýrugyň göçürmesi |
| 2.14 | Ussatlygyň mekdebi işinde çykyş etmek ýolbaşçy/mugallym | | 100/50 | | Mekdebiň direktorynyň gulluk ýazgysy, buýrugyň göçürmesi |
| 2.15 | Gurultaýlara, simpoziumlara, ylmy-amaly maslahatlara gatnaşmak: halkara / | | 150/100/50 | | Gatnaşyjynyň Şahadatnamasy |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | sebit / şäher | | | | |
| 2.16 | Halkara we Türkmenistan döwleti boýunça konferensiýalary, olimpiadalary, sport çärelerini guramak we geçirmek: guramaçylyk toparynyň başlygy/agzasy | | 550/350 | | Buýrugyň göçürmesi, meýilnamalar |
| 2.17 | Sebit boýunça (welaýat derejesinde) konferensiýalary, olimpiadalary, sebitleýin sport çärelerini guramak we geçirmek: guramaçylyk toparynyň başlygy/agzasy | | 250/150 | | |
| 2.18 | Şäher derejesinde konferensiýalary, olimpiadalary, sport çärelerini guramak we geçirmek: başlyk (baş kazy)/ guramaçylyk toparynyň agzasy | | 150/100 | | |
| 2.19 | Orta hünär mekdepleriň arasynda konferensiýalary guramak we geçirmek: guramaçylyk toparynyň başlygy/agzasy | | 100/50 | | |
| 2.21 | Ylmy we bilim temalarynyň tegelek stollaryny guramak we geçimek: döwlet/ sebit (welaýat) / şäher / mekdep derejesi | | 150/75/ 50/25 | | |
| 2.22 | Mugallymçylyk işlerini ýa-da mugallymçylyk çäreleri geçirmek üçin ýokary bilimiň esasy bilim maksatnamasyny tamamlamadyk adamlaryň mugallymçylyk işine kabul etmek üçin kwalifikasiýa synagyna gatnaşmak; (birligine) | | 100 | | Buýrugyň göçürmesi |
| 2.23 | Talyplar we diňleýjiler üçin ylmy we amaly maslahatlarda çykyş etmek we ş.m. halkara/döwlet/sebit/şäher/mekdep (birlik üçin) | | 100/75 / 50/25/15 | | Çäräniň meýilnamasynyň göçürme |
| 2.24 | Mekdebiň web saýtynda maglumatlary ýerleşdirmek (1 birlik üçin) | | 25 | | Web saýtdan göçürme |
| **3. Guramaçylyk-dolandyryş işi** | | | | | |
| 3.1 | Mugallymlaryň hünär synagyndan geçirilmegi | | 250 | | Direktoryň buýrugynyň göçürmesi |
| 3.2 | Jemgyýetçilik guramalarynda we geňeşlerde işlemek: döwlet/sebit/şäher derejesi | | 100/50/30 | | Degişli Geňeşiň ýa-da guramanyň düzüminiň buýrugynyň göçürmesi |
| 3.3 | Habar beriş serişdelerinde (gazet-žurnallarda) makala çap etmek (birlik üçin) | | 10 | | Makalanyň, hasabatyň, çykyşyň göçürmesi. |
| 3.4 | Habar beriş serişdelerinde (radio-telewideniýede) çykyş etmek (birlik üçin) | | 15 | | Çykyşyň göçürmesi. |
| 3.4 | Usulyýet Geňeşiniň kätipligi üçin (ýygnaklaryň sany köpelmeýär!) | | 50 | | Buýrugyň göçürmesi |
| 3.5 | Mugallymlar Geňeşiniň kätipligi üçin (ýygnaklaryň sany köpelmeýär!) | | 50 | | Buýrugyň göçürmesi |
| 3.6 | Usuly birleşmede mekdebiň okuw meýilnamasy boýunça geçirilen çäreleri üçin jogapkär/ýerine ýetiriji | | 50/75 | | Usuly birleşmäniň, mugallymlar geňeşiniň |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | ýygnagynyň göçürmesi |
| 3.7 | Mekdepdäki mugallymlaryň reýtingdäki ballarynyň takyklygyna jogapkär ** (her mugallym üçin) | | 5 | | Mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen bellenilýär, buýrukdan göçürme |
| 3.8 | Mekdebiň web sahypasy üçin jogapkär (bir birlik üçin) | | 100 | | Mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen bellenilýär, buýrukdan göçürme |
| 3.9 | Hasabat ýylynda diplomlar, şahadatnamalar, halkara / döwlet / sebit / şäher / mekdebiň içindäki kuboklar, ýaryşlar we ş.m. sylaglanan. | | 150/100/75 /50/25 | | Sargytdan göçürme, diplomyň göçürmesi we ş.m. |
| 3.10 | Hasabat ýylynda döwlet / sebit / şäher / mekdepara minnetdarlyk hatlary bilen sylaglanan. | | 100/60/40 /20 | | |
| 3.11 | Döwlet/sebit/şäher derejesinde derejeleýin bahalandyryş toparynyň agzasy hökmünde işlän | | 100/75 / 50 | | Buýrukdan göçürme |
| 3.12 | Mekdebiň içki bilim portalyna we elektron resminamalarynyň dolanşygyna jogapkär | | 100 | | Mekdebiň direktory tarapyndan bellenilýär |
| **4. Jemgyýetçilik-terbiýeçilik işi** | | | | | |
| 4.1 | Ýaş (täze işe başlan) mugallyma halypaçylyk etmek (birlik üçin) | | 50 | | Buýrugyň göçürmesi ýa-da mekdebiň direktorynyň gulluk ýazgysy |
| 4.2 | Meýletinçileriň işlerine ýolbaşçylyk etmek (birlik üçin) | | 20 | | Çärä gatnaşmak üçin buýrugyň göçürmesi |
| 4.3 | Döwlet, welaýat derejesinde geçirilýän çäreleriň işine guramaçylykly gatnaşmak (birlik üçin) | | 15 | | Çärä gatnaşmak üçin buýrugyň göçürmesi, çäreleriň meýilnamasy |
| 4.4 | Mekdebiň okuw otaglaryna jogapkär mugallym (otag sanyna görä) | | 5 | | Direktoryň buýrugy esasynda |
| 4.5 | Mekdebiň UÝJ-da terbiýeçi jogapkär mugallym (ýyl boýunça) | | 150 | | Direktoryň buýrugy esasynda |
| 4.6 | Mekdebiň UÝJ-da otaglara jogapkär mugallym (otag sanyna görä) | | 5 | | Direktoryň buýrugy esasynda |
| 4.7 | Köpçülikleýin meýdan işlerine gatnaşan (mekdebiň çäginde/daşarda) | | 5/10 | | Ýöredilýän sanaw boýunça |
| 4.8 | Baýramçylyk günleri tassyklanan reje boýunça gündiz/agşam nobatçylyk etmek (her aý üçin) | | 15/30 | | Baýramçylyk günleriniň nobatçylygynyň çyzgydy |
| 4.9 | Tassyklanan reje boýunça mekdepdebiň UÝJ-da nobatçylyk etmek (her aý üçin) | | 10 | | Nobatçylygynyň çyzgydy |
| 4.10 | Tassyklanan reje boýunça mekdepde jogapkär bolmak (her aý üçin) | | 15 | | Baýramçylyk we iş günleriniň nobatçylygynyň çyzgydy |
| 4.11 | Sosiometrik barlaglaryna ýolbaşçy/ýerine ýetiriji | | 75/25 | | Direktoryň orunbasarynyň, bölümleriň gulluk ýazgylary |

| Mugallymyň absolýut şahsy reýting bahasy | | |
|---|---|---|

* - görkeziji awtorlaryň sanyna bölünýär, mysal üçin, okuw kitabynyň iki awtory bar bolsa (1.6-njy bent), şahsy baha: 1000/2 = 500 bal.
** - 3.8-nji madda, mysal üçin, 11 mekdep işgäri reýtinge gatnaşýan bolsa, iň ýokary bal 5x1 1 = 55 bolup biler.

Berilýän maglumatlaryň hakykylygy **tassyklaýaryn**:

Mugallym: ___________ __________________________________
goly familiýasy, ady atasynyň ady

**“Mugallymyň absolýut şahsy reýtingine”** hasaplama geçirilen

Usulyýet geňeşiniň başlygy ________ _______________________
goly familiýasy, ady atasynyň ady

“____” _____________2023 ý.

Usuly birleşmäniň ýolbaşçysy ______ ________________________
goly familiýasy, ady atasynyň ady

“____” _____________2023 ý.

**“Hasaplama bilen tanyşdym”: “Ylalaşýan” ýa-da “Ylalaşmaýan”**

Okuw bölüminiň müdiri ________ _______________________
goly familiýasy, ady atasynyň ady

“____” _____________2023 ý.